***Paýtagtymyzyň «Altyn Täç» futbol klubunyň wekilleri ýaş derejeleriniň üçüsi boýunça Germaniýanyň Mýunhen şäherinde geçirilen halkara ýaryşa gatnaşyp, onda üstünlikli çykyş etdiler. Dünýäniň çar künjeginden 59 topary özünde jemlän Mýunhen şäheriniň kubogy ugrundaky halkara ýaryşda türkmen futbolçylary kümüş we bürünç medallaryň her haýsyndan birine mynasyp boldular.***

2010-njy, 2012-nji we 2015-nji ýyllarda doglan ýetginjekleriň arasynda geçirilen halkara ýaryşyň iň uly ýaş derejesinde türkmen futbolçylary «C» toparçada ýaryşdylar. Olar Şweýsariýanyň «Sion» we «Therwil» toparlaryny 1:0 hasabynda ýeňip, Berlin şäherine wekilçilik eden topar bilen 1:1 hasabynda deňme-deň oýnadylar. Bu netijeler olaryň toparçada birinji orny eýelemegi üçin ýeterlik boldy. Ýaryşyň tutuş dowamynda diňe çärýek finalda Şweýsariýanyň «Ems» toparyndan 0:1 hasabynda ýeňlen ildeşlerimiz dört topar goşulan 5-nji orun ugrundaky göreşde Şweýsariýanyň «Foot Region Morges» toparyny 11 metrlik jerime urgularynyň netijesinde 3:1, soňra Germaniýanyň «Germania Metternich» toparyny 1:0 hasabynda ýeňip, 16 toparyň arasynda iň güýçlüleriň başligine girmegi başardy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 27.01.2026